Internet sahyp üçin düzedip taýýarlan ; Timur Kor

# b) SÖZ ÝASAÝJY GOŞULMALAR

**103-nji gönükme.** *Sözleri üns berip okaň. Asyl sözleriň goşulmaly we goşulmasyz ýagdaýda dürli many aňladýandygyna üns beriň,*

| | | |
|---|---|---|
| Or-orak | suw-suwçy | iş-işçi. |
| Ek-ekin | döw-döwek | el-ellik. |
| Balyk-balykçy | aýak-aýakly | okuw-okuwçy. |

**104-nji gönükme.** *Okaň. Bularyň asyl sözüni we goşulmasyny aýdyp beriň,*

Okuwçy, oturgyç, ekin, otluk.

1. *Ýokarky sözleriň asyl sözleriniň manysyny düşündiriň.*

2. *Bu sözleriň goşulmalyka aňladýan manysyny aýdyň.*

3. *Ýokarky sözleri asyl söz görnüşinde we goşulmaly ýagdaýda sözlem içinde getirip, depderiňize ýazyň.*

**Nusga:** Okuw başlandy. Okuwçy mekdebe barýar.

okuwcy

Goşulmalar iki topara bölünýär.

1. **Söz ýasaýjy goşulmalar.**

2. **Söz üýtgediji goşulmalar.**

Söz ýasaýjy goşulmalar goşulan sözlerinden täze manyly söz ýasaýar.

Meselem: *suw-çy, el-lik$_{f}$ iş-çi.*

Turkmenkultur.com

**105-nji gönükme.** *Okaň. Bularyň asyl sözüni we olara goşulan sözýasaýjy goşulmalary aýdyň.*

***Otluk, dişle, işçi, oturgyç, tutluk, ýarak, çörekçi, ekin, etrekli, pagtaçy.***

Ýokarky sözleri asyl sözi bilen söz ýasaýjy goşulmasynyň arasyna kese çyzyk goýupf depderiňize göçüriň.

**Nusga:** *ot-luk, diş-le, ...*

**Otluk, işçi, ekin sözleriniň** *goşulmasyz we goşulmaly ýagdaýda aňladýan manylaryny düşündiriň.*

* * *

**106-nji gönükme.** *Hekaýajygy okaň. Has gara ýazylan sözleri asyl sözi bilen goşulmasynyň arasyna kese çyzyk goýup göçüriň.*

## AWÇY



Merdan aga belli **awçy.** Onuň akylly aw tazysy bar. Ol awa köplenç **daglyk, baýyrlyk ýerlere** gidýär. Käwagtlar bolsa obanyň günbatar tarapyndaky **"çöplük, tokaýlyk** meý-danda aw awlaýar. Onuň tazyly awa gidip, **awsyz** igelen wagty ýok.

*Göçüren sözleriňizi. gosulmasyz we söz ýasaýjy goşulmaly ýagdaýda aňladýan manysyny düşündiriň.*

*günbatar*

**107-nji gönükme.** **Suw** we **ot sözleriniň** *gapdalyndaky söz ýasaýjy goşulmalary şol sözlere goşup, depderiňize göçüriň.*

| | | | |
|---|---|---|---|
| | çy | | ly |
| | ly | | luk |
| SUW | luk | ot | ar |
| | suz | | a |
| | ar | | süz |

**Suw** *we* **ot sözleriniň** *her birine nähili söz ýasaýjy goşulmalary goşandygyňyzy we olardan näçe söz ýasandygyňyzy aýdyň.*

* * *

**108-nji gönükme.** *Söz ýasaýjy goşulmalary asyl söze goşuň we olary sözlem içinde getirip, depderiňize ýazyň.*

| | | | |
|---|---|---|---|
| | la | | çi |
| baş | lyk | iş | gär |
| | syz | | le |
| | surat | | |

**Nusga:** *Sen surat çekmage başla,*

**109-nji gönükme.** *Sözlemleri okaň we has gara ýazylan sözleriň asyl sözi bilen ýasaýjy goşulmasyny aýdyp beriň*

**Dutarçy** dutaryny çalmaga başlady. Oňa **gyjakçy** hem goşuldy.

Olar myhmanlary **aýdymly, sazly** garşyladylar. Myrat üçünji klasda okaýar.

Ol sazy söýýär. Saz çalmagy öwrenýär. Ulalanda bolsa **sazçylyk** okuwuna girmek isleýär.

**1.** *Ýokarky ýäzgyny mazmuny boýunça iki bölege bölüp, olaryň hersine degişli sözbaşy goýuň.*

**2. Dutar** *sözüniň manysyny sözlükden öwreniiň.*

*dutarçy*

Turkmenkultur.com

**110-nji gönükme.** *Şygry labyzly okaň. Has gara ýazylan sözleri göçürip alyň. Olaryň asyl sözüni we söz ýasaýjy goşulmasyny aýdyp beriň*

**BAŞDA BELLIDIR**

*(Gysgaldylyp alyndy)*

Boljak ýigit **ýaşlykdan,**

Ol owwal başda bellidir.

Ula-kiçä özün aldyr,

Deň bilen duşda bellidir.

Birewe ýoldaş bolanda,

Gatnaşyp, gardaş bolanda,

Ýagsy-ýaman iş bolanda,

Çyn dost geňeşde bellidir.

Her kişiniň bolsa akly,

Söz jaýynda sözlär **hakly,**

Uzak ýola agyr **ýükli,**

iner **gidişde** bellidir.

Zelili diýer, serhoşlar,

Ýorga münüp, ýüwrük goşlar,

Eýesin islän derwüşler

Säher gözyaşda bellidir. Zelili

Turkmenkultur.com

**1.** *Ýüwrük sözüniň manysyny sözlükden öwreniiň.*

**2.** *Göçürip alan sözleriňizdäki söz ýasaýjy goşulmalaryň her birini başga-da birnäçe söze goşup, täze söz ýasaň.*

* * *

**111-nji gönükme.** *Aşakdaky asyl sözlere söz ýasaýjy goşulmalaryň degişlisini goşup göçüriň.*

| | | | |
|---|---|---|---|
| Galam | | Balyk | |
| Kitap | -ly, li, | ädik | -çy, -çi |
| Äýnek | | aw | |

**Nusga:** /. *Galam-galamly,... 2. Balyk-balykçy, ...*

*Göçüren sözleriňiziň. goşulmasyz hem-de goşulmaly ýagdaýda aňladýan manysyny düşündiriň.*

* * *

**112-nji gönükme.** *Aşakdaky sözlere ýaýyň içindäki goşulmalaryň degişlisini goşup, olardan täze many aňladýan söz ýasaň.*

Ýag, süz, otur, ýol, el (-gyç, -yş, -lik, -güç, -daş).

*Täze ýasan sözleriňiziň hersini bir sözlemde ulanyp, depderiňize ýazyň.*

**Nusga:** *Kakam oturgyç ýasady.*

**113-nji gönükme.** *Okaň. Oňa degişli sözbaşy tapyň we göçüriň. Ýasaýjy goşulma kabul eden sözleriň aşagyny çyzyň.*

Biz oba gezelenje gitdik. Bize garry yzçy ýoldaş boldy. Ýol otluk hem çaýyrlyk eken. Bagtymyza yagyş ýagmady.

*Aşagyny çyzan sözleriňiziň. asyl sözüni we ýasaýjy goşulmasyny aýdyp beriň.*

Turkmenkultur.com

**114-nji gönükme.** *Bu asyl sözleriň hersine bir ýasaýjy goşulma goşup, depderiňize göçüriň.*

Ýol, gaş, galam, otur, üzüm, bag, ot, diş, ýelim, ýaz, ek, güýç, okuw, pagta.

**Nusga:** *Ýol-ýoldaş, gaş-gaşlak, ...*

* * *

**115-nji gönükme.** *Aşakdaky asyl sözleriň her birinden ýasaýjy goşulmalaryň kömegi bilen üç sany söz ýasap, depderiňize göçüriň.*

Köýnek, iş, düz, diş.

**Nusga:** *Köýnek- köýnekli, köýnekçe, köýneklik.*

* * *

**116-nji gönükme.** *Bu sözleri nusgada görkezilişi ýaly edip, depderiňize göçüriň.*

Aý, aýlyk, aýsyz, iş, işgär, işçi, et, etlek, etli, ýaz, ýazyjy, ýazgy, selin, selinlik, gum, gumly, gör, göreç, görgür, düz, düzgün, düzlük.

**Nusga:**

| Asyl sözler | Ýasaýjy goşulmaly sözler |
|---|---|
| *Aý* | *Aýlyk* |

**117-nji gönükme.** *Hekaýany okaň. Has gara ýazylan sözleriň asyl sözüni we ýasaýjy goşulmasyny aýdyp beriň*

## ABDY AWÇYNYŇ GÜRRÜŇI

Abdy **awçy** bir gezek öýüne gelende, obanyň çagalary onuň daşyna egrildi.

Ol gürrüňe başlady:

Turkmenkultur.com



— Oglanlar, men bu guşy ele saljak bolup, kän selpedim.Onuň höwürtgesi uçut gaýanyň edil orta bilindedi. Biz soňky gezek şol ýere üç **ýoldaş** bolup gitdik.

Ynha giden bir **düýpsüz** uçut. Bir çopan ýigidi şoňa salladyk.

Ol bir **çagaja** guşy şypyrmasyna saldy, ony dişi bilen tutdy. Çopany çekip aldyk. Guş hakyky elguş bolup ýetişdi.

*(A. Orazmyradow, «Kiçijik ilçi»).*

*Hekaýanyň mazmunyny aýdyp beriň*

*ýoldaş*

**118-nji gönükme.** *«Abdy awçynyň gürrüňi» diýen hekaýanyň mazmuny esasynda aşakdaky meýilnama boýunça beýannama ýazyň.*

**Meyilnama:**

1. *Abdy awçynyň öýünde.*
2. *Uçut gaýanyň bilindäki höwürtge.*
3. *Çopan ýigidiň çaga guşy alşy.*
4. *Ol guş nähili guş bolup ýetişdi?*

Ýazan hekaýaňyzdaky ýasaýjy goşulmaly sözleriň asyl sözüni we söz ýasaýjy goşulmasyny aýdyň.

Turkmenkultur.com

**Höwürtge** *sözüniň manysyny sözlükden öwreniň.*

* * *

**120**

***119-nji gönükme.*** *Bu sözleri asyl bölegi bilen söz ýasaýjy goşulmalarynyň arasynda kese çyzyk goýup göçüriň.*

Ýükçi, algy, bergi, tokaýlyk, duralga, geçelge, açar, maldar, süýtçi, suwluk, göklük, ýerli.

**Nusga:** *yük-çi, ...*

* * *

***120-nji gönükme.*** *Okaň we bularyň asyl sözüni aýdyp beriň Ýaýyň içindäki nokatlara derek olaryň asyl böleginden söz ýasaýjy goşulmalar arkaly täze sözler ýasap, depderiňize ýazyň.*

Baglyk (...), duzly (...), etçi (...), halyçy (...), kitapçy (...).

**Nusga:** *baglyk, (bagly, bagçylyk, bagban, ...), ...*

* * *

***121-nji gönükme.*** *Asyl sözlerden* **-çy, -çi, -alga, -elde, -gy, -gi** *söz ýasaýjy goşulmalarynyň hersine bir söz ýasaň we olary sözlem içinde ulanyp, depderiňize ýazyň.*

**Nusga:** *dur-duralga. Awtobus duralgasynda garaşaryn.*

Turkmenkultur.com